# Dil pyrak odunda ýandy, galdy jan hijran era…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dil pyrak odunda ýandy, galdy jan hijran era…



Dil pyrak odunda ýandy, galdy jan hijran era,
Gark boldy ýyglamakdan zary-jismi-jan era.
Yşk köňlüm gara etdi, sabrymy garat köňül,
Hem hyýaly aldy aklym, galdy hesret jan era.

Yşk derdinden besi jebri-jepalar çekdi köp,
Ýetmedi Mejnun meniň dek köýi-sergezdan era.

Dilruba, köýüňde daýym gussa ýutmakdyr işim,
Bolmagaý hergiz jepakeş men kibi döwran era.

Gaşlaryň şekli bozuk köňlümde andag hup erer,
Sagynar sen kim gurulmyş ýaý dek, ýa dükan era.

Katyl bolaý erdi aşyklar başyňdan öwrülip,
Bir nazar çekseň, semendiň segredip meýdan era.

Lam, elip zülpüň, elip katdyň, tejelli aryzyň,
Eýledir küpr kelime, garyşar iman era.

Gaýyby diýr, eý, güneş, husnuň gülüstany kibi,
Bir güli-ziba açylmyş jenneti-ryzwan era. Goşgular